Häzirki wagtda ýagny, maý aýynda ýurdumyzda temmäkä garşy göreşmek boýunça biraýlygyň dowamynda ýaramaz endikleriň täsirleri barada ilat arasynda wagyz-nesihat işleriniň geçirilmegi döwletiň öz halkynyň saglygy baradaky aladalarynyň subutnamasydyr.

Bu wagyz-nesihat çäresiniň esasy maksady ýaş nesliň, hususan-da, talyp ýaşlaryň arasynda tertip-düzgün, milli ahlak ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmak, zyýanly endiklerden daşda durmaklygy ündemek, temmäki önümleriniň adam saglygyna ýetirýän zyýanyny düşündirmek, kanun bozulmalaryň öňüni almak, ýaşlaryň saglygyny, işjeňligini we ömrüni uzaltmagyň netijeli ýollaryny düşündirmek, bedenterbiýäniň adam saglygyna ýetirýän täsiri barada habarly etmek we ýaşlaryň bu meseleler barada düşünjesini ýokarlandyrmak, “Sagdyn durmuşda ýaşamaklygyň ýollary” ýörelgelerini berjaý etmekden ybarat bolup durýar.

Ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmekde, ýaş nesli watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde, olaryň ýaramaz endiklerden daşda bolmaklaryny gazanmakda alnyp barylýan işler oňyn netijelerini berýär. Häzirki möwsümleýin keselleriň ýüze çykýan döwründe halk lukmançylygynyň usullaryna ýüzlenmek maksadalaýykdyr.

Ýüze çykyp biljek ýokanç keselleriň öňüni almakda hormatly Prezidentimiziň köp jiltli «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitaplarynda türkmen topragynda bitýän ösümlikleriň melhemlik häsiýetleri barada giňişleýin maglumat berilýär. Ýokanç keselleri bejermekde dermanlyk ösümlikleriň içinde ýüzärligiň peýdasy has köpdür. Onuň tüssesiniň bakteriýalary we mikroblary ýok edýändigi ylmy nukdaýnazardan subut edilendir.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň sport desgalarynyň ählisinde ýüzärligi ýygy-ýygydan tüsseletmek, profilaktiki arassalaýyş işlerini geçirmek, antiseptik serişdeleri ulanmak işleri ýokary derejede guralyp, gündelik ýerine ýetirilýär.

Şeýle hem, munuň özi adamlaryň durmuşy, zähmet çekmegi we dynç almagy üçin döredilýän amatly şertler bilen bilelikde, olaryň döredijilik we aň-paýhas babatynda öz ukyp-başarnyklaryny doly açyp görkezmegini üpjün edýän hakykatdyr. Tutuşlygyna häzirki döwürde Diýarymyzda amala aşyrylýan iri möçberli işler ýurdumyzyň temmäki önümleriniň ulanylmagyna garşy işjeň göreşmekde bütin dünýä üçin nusgalyk döwret bolmaga ukyplydygynyň subutnamasydyr.

**Sona ALLABERDIÝEWA**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026